Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

2025 HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY

#45(276)

четверг, 6 ноября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**31-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýyn-da ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylygyny yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu ugurda Mejlisiň alyp barýan işlerini netijeli dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynyň deslapky makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işiniň ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşi bilen aýrylmaz baglydygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere toplumyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow ýurdumyzda nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak, olary dünýä bazaryna çykarmagyň ugurlaryny giňeltmek boýunça şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz toplumynyň bar bolan önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmagyň, nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere geologiýa-gözleg, buraw işleriniň netijeliligini artdyrmak bilen bagly işlere berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekde oba hojalyk pudagyna uly ornuň degişlidigini, şoňa görä, pudagy toplumlaýyn ösdürmegi, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz wise-premýere önümçiligiň möçberini artdyrmagy we hilini ýokarlandyrmagy hemişe üns merkezinde saklamagy, möwsümleýin oba hojalyk işlerini agrotehniki kadalara laýyklykda alyp barmagy dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gurluşyk we senagat toplumynyň kärhanalarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, elektrik energiýasyny öndürmekde zerur işleri alyp barmagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenhimiýa» döwlet konserni tarapyndan alnyp barylýan işlere berk gözegçilik etmek barada tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň geçen on aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, hemişelik Bitaraplygymyzyň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЧЕШСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Чешской Республики Петру Павелу и народу страны по случаю Дня независимости Чешской Республики.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Петру Павелу искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Чехии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану и братскому народу страны по случаю национального праздника – Дня Турецкой Республики.

«Отрадно отметить достижения вашей страны в политической, экономической и социальной сферах, а также высокий уровень межгосударственного сотрудничества. Мы высоко ценим братские отношения между Туркменистаном и Турецкой Республикой и убеждены в их последующем значительном наращивании в интересах народов обеих стран», – отмечается в послании главы государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Президенту Реджепу Тайипу Эрдогану искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в ответственной государственной деятельности, а братскому народу Турции – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АЛЖИРСКОЙ НАРОДНОЙ ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Алжирской Народной Демократической Республики Абдельмаджиду Теббуну и народу страны по случаю национального праздника – Дня революции.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Абдельмаджиду Теббуну пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Алжира – мира, благополучия и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

30 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlendi. Medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli medeni çäreler guraldy. Hasabat döwründe Azerbaýjan Respublikasynyň Baku we Genje şäherlerinde, Özbegistan Respublikasynyň Daşkent hem-de Hywa şäherlerinde Türkmenistanyň Medeniýet günleri üstünlikli geçirildi.

Rim şäherindäki Kapitoliý muzeýinde «Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýalary» atly arheologik serginiň açylyş dabarasy boldy. Serginiň açylyş dabarasynyň hormatly Prezidentimiziň Italiýa Respublikasyna amala aşyran resmi saparyna gabat gelmegi hem-de bu möhüm çärä döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagy türkmen-italýan gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändigini we taryhyň gadymy döwürlerinden gözbaş alýan dostlugyň barha berkäp, täzeden galkynýandygyny aýdyň görkezdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkymyzyň baý medeni mirasyny gorap saklamakda, dünýä ýaýmakda medeniýet ulgamyna uly ornuň degişlidigini aýtdy we medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere taryhy-medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek, gorap saklamak babatda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen, Medeniýet günlerini, festiwallary geçirmägede aýratyn ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň, bilim işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda saglygy goraýyş ulgamynyň işini kämilleşdirip durmagy, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek işini talabalaýyk alyp barmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň Daşary işler ministrligi tarapyndan şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine dünýä döwletleri bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlaryndaky gatnaşyklary ösdürmek boýunça netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyrjak iş saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň çakylygy esasynda döwlet Baştutanymyzyň ýokary derejedäki ikitaraplaýyn duşuşygy geçirmek we «Merkezi Aziýa — ABŞ» sammitine gatnaşmak maksady bilen Waşington şäherine boljak iş saparyna taýýarlyk görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejede ösdürilýändigini belledi. «Waşingtonda geçiriljek sammit bolsa ýurtlarymyzyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge ýardam eder» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýer, daşary işler ministrine Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna boljak iş saparyna taýýarlyk görmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2025-nji ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak boýunça ýylyň şygarynyň yglan edilýändigini we nyşanyň kabul edilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýüzlenip, deputatlaryň halkymyz bilen maslahatlaşyp, täze, 2026-njy ýyla at bermek hem-de onuň nyşanyny kesgitlemek boýunça degişli teklipleri taýýarlamalydygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «C5+1» FORMATYNDAKY SAMMITE GATNAŞDY

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde «C5+1» formatyndaky sammite gatnaşdy.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany Ak tama gelenden soň, Ruzwelt otagynda Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Prezident Donald Tramp belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, «C5+1» formatyndaky sammite gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow ýokary derejedäki duşuşyga gatnaşmaga çakylyk üçin ABŞ-nyň Prezidentine minnetdarlyk bildirip, bu formatyň ýurtlarymyzyň arasynda ugurlaryň giň gerimi boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin täze mümkinçilikleri açýandygyny belledi we bu duşuşygyň Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary ösdürmegiň ýolunda möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýylyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilendigi aýdylyp, Birleşen Ştatlaryň ýurdumyzyň bu başlangyjyny goldandygyny bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda Prezidentler Serdar Berdimuhamedow hem-de Donald Tramp türkmen-amerikan hyzmatdaşlygyny ähli esasy ugurlar boýunça mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga taýýardyklaryny tassykladylar.

Soňra Türkmenistanyň döwlet Baştutany «C5+1» formatyndaky sammite gatnaşdy. ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň başlyklyk etmeginde geçirilen ýokary derejeli duşuşyga Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Sammitiň öňüsyrasynda döwlet Baştutanlarynyň bilelikde resmi surata düşmek dabarasy boldy.

Prezident Donald Tramp sammite gatnaşyjylary mübärekläp, çakylygy kabul edip Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gelendikleri üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de bu ýokary derejedäki duşuşygyň altytaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarjakdygyna ynam bildirdi.

Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow çykyş edip, «C5+1» formatyndaky sammite gatnaşmaga çakylyk üçin Prezident Donald Trampa minnetdarlyk bildirdi we bu formatyň döredilen wagtyndan bäri gazanylan oňyn netijelere ünsi çekdi.

Türkmenistanyň howpsuzlyk, ykdysadyýet, energetika, daşky gurşaw ýaly möhüm strategik ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge çalyşýandygy bellenildi. Prezident Serdar Berdimuhamedow sammitiň netijeleriniň Merkezi Aziýa bilen ABŞ-nyň arasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi hem-de Prezident Donald Trampa mähirli kabul edendigi üçin minnetdarlyk bildirdi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz agzalan formatyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň sebitiň durnukly ösüşini üpjün etmäge ýardam berjekdigini aýtdy.

Prezident Donald Tramp döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi.

Sammitiň dowamynda altytaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerine gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de bilelikdäki işiň geljekki ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

Sammitiň çäklerinde ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümetleriniň arasynda meýiller hakynda Beýannama, medeni miras babatda Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümetleriniň arasynda meýiller hakynda Beýannama kabul edildi.

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň maksatnamasyny tamamlap, Prezident Serdar Berdimuhamedow Waşington şäheriniň Andrews Halkara howa menziline bardy. Bu ýerde döwlet Baştutany Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Aksoltan Ataýewany doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlady we Aksoltan Ataýewa Gahryman Arkadagymyzyň adyndan gül dessesini gowşuryp, Gahryman Arkadagymyzyň iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Aksoltan Ataýewa gutlaglar üçin Türkmenistanyň Prezidentine we Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirip, berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw etdi.

Watanymyza gelende döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

## ТУРКМЕНСКИЕ И АМЕРИКАНСКИЕ ПРЕДПРИНИМАТЕЛИ ОБСУДИЛИ ПРИОРИТЕТЫ ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ



В рамках рабочего визита Президента Туркменистана в Соединённые Штаты Америки состоялся бизнес-форум «Туркмено-американское деловое сотрудничество: новые возможности и перспективы развития партнёрства».

В мероприятии приняли участие руководители государственных структур и представители бизнес-кругов Туркменистана и США, в том числе таких известных компаний, как «John Deere», «General Electric (GE)», «SpaceX», «Oppenheimer Holdings Inc.», а также Всемирного банка и Международного валютного фонда.

Перед началом форума его участники ознакомились с организованной здесь выставкой туркменской продукции.

Представители американской стороны высоко оценили произведённые в Туркменистане высококачественную и экологически чистую продовольственную продукцию, текстильные и кожевенные товары, изделия медицинского назначения, представленные предприятием «Arkadag Medisina Klasteri Menejment». Отдельное место на выставке заняли книги Героя-Аркадага и Президента Сердара Бердымухамедова.

Открывая форум, исполнительный директор Делового совета «Туркменистан–США» Эрик Стюарт отметил роль Совета в укреплении отношений между частными структурами двух стран.

Председатель Торгово-промышленной палаты Туркменистана в своём выступлении ознакомил с благоприятным инвестиционным климатом. Особый акцент был сделан на открывающихся для американских компаний огромных возможностях в плане реализации проектов в отраслях туркменской экономики.

В свою очередь руководители профильных организаций США отметили растущую заинтересованность американских бизнесменов к стремительно развивающемуся туркменскому рынку, подтвердив их готовность к участию в претворении в жизнь программ социально-экономического развития Туркменистана, предоставлению передовых технологий, инноваций и лучшего мирового опыта.

Председатель Государственного банка внешнеэкономической деятельности ознакомил с действующими в нашей стране

*(Окончание на 4-й стр.)*



## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ С ПРЕДСТАВИТЕЛЯМИ КОНГРЕССА США

В рамках рабочего визита в Соединённые Штаты Америки Президент Сердар Бердымухамедов встретился с Председателем подкомитета по Южной и Центральной Азии Комитета по иностранным делам Палаты представителей США Биллом Хёйзенгом и его заместителем Сидни Кай Камлагер-Дав.

Тепло поприветствовав высокого гостя и выразив удовлетворение возможностью обсудить вопросы дальнейшего развития межгосударственного сотрудничества, представители Конгресса США отметили, что нынешний визит Президента Туркменистана призван способствовать укреплению традиционно дружественных отношений между двумя странами.

Выразив признательность за добрые слова, глава государства подчеркнул, что Туркменистан придаёт большое значение развитию взаимодействия с Соединёнными Штатами Америки в политической, экономической и гуманитарной сферах.

Президент Сердар Бердымухамедов также напомнил, что в текущем году исполняется 10 лет сотрудничеству между Соединёнными Штатами Америки и государствами Центральной Азии в рамках «C5+1». Как подчёркивалось, данный формат партнёрства стал эффективной площадкой для обсуждения вопросов безопасности, экономики, климата и энергетики.

Особый акцент был сделан на том, что Туркменистан рассматривает сотрудничество с Конгрессом США как важное направление развития двусторонних отношений.

*(Окончание на 4-й стр.)*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI «NICKLAUS COMPANIES» KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň Baş direktory Jon Riz bilen duşuşdy.

Amerikan kompaniýasynyň ýolbaşçysy özara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Prezidentiniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna şu gezekki saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow işewüri mähirli mübärekläp, saparyň çäklerinde geçiriljek Türkmen-amerikan işewürlik maslahatynyň kompaniýanyň ýolbaşçysyna türkmen wekilleri bilen geljegi uly taslamalar we maýa goýum hyzmatdaşlygy boýunça pikir alyşmaga oňat mümkinçilik döretjekdigini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan sporty we syýahatçylygy ösdürmäge durnukly ösüşiň möhüm ugurlary hökmünde garaýar.

Jon Riz Türkmenistanda döredilen ösen sport infrastrukturasynyň ýurtda bu ugra uly ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýändigini, Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygyň ilçisi hökmünde sporty işjeň ilerledýändigini belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti “Nicklaus Companies” kompaniýasynyň golf infrastrukturasyny taslamalaşdyrmak we ösdürmek ulgamynda dünýädе öňdäki orunlaryň birini eýeleýändigini aýdyp, Türkmenistan bilen kompaniýanyň arasynda agzalan ulgamda bilelikdäki hereketler üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, kompaniýa tarapyndan Aşgabatda gurlan we halkara standartlara laýyk gelýän döwrebap golf klubunyň taslamasy özara hyzmatdaşlygyň üstünlikli mysaly hökmünde görkezildi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň maýa goýumlar üçin amatly şertleri döretmäge uly ähmiýet berýändigine ünsi çekip, ýurdumyzyň kompaniýanyň täze taslamalaryna we tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow “Nicklaus Companies” kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň ýurdumyzda golf infrastrukturasyny ösdürmäge, sportuň bu görnüşini wagyz etmäge ýardam berjekdigini belläp, Jon Rize alyp barýan işinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ С ПРЕДСТАВИТЕЛЯМИ КОНГРЕССА США

*(Начало на 3-й стр.)*

Отмечалось, что в последние годы состоялись визиты представителей Конгресса в Туркменистан, а также приняты меры по расширению межпарламентского сотрудничества. В данном контексте отмечалась значимость туркмено-американского бизнес-форума, организованного в рамках визита туркменской делегации в США.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и члены Конгресса – Председатель подкомитета по Южной и Центральной Азии Комитета по иностранным делам Палаты представителей США Билл Хёйзенг и его заместитель г-жа Сидни Кай Камлагер-Дав обменялись взаимными добрыми пожеланиями, выразив уверенность в том, что межгосударственные отношения, основанные на доверии и взаимопонимании, будут и далее развиваться на благо народов двух стран.

# ТУРКМЕНСКИЕ И АМЕРИКАНСКИЕ ПРЕДПРИНИМАТЕЛИ ОБСУДИЛИ ПРИОРИТЕТЫ ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ

*(Начало на 3-й стр.)*

финансово-банковскими механизмами и экономическими достижениями, а также проводимой национальной денежно-кредитной стратегией. Вместе с тем подчёркивалось, что в целях обеспечения инновационного развития банковского комплекса, наращивания партнёрства с международными и региональными финансовыми организациями, совершенствования системы кредитования экономически значимых секторов осуществляется плодотворное партнёрство с авторитетными международными финансовыми организациями, рейтинговым агентством Fitch Ratings.

Заместитель руководителя Государственного концерна «Türkmengaz» выступил с докладом о долгосрочных возможностях сотрудничества в топливно-энергетическом комплексе, а также о проектах, ориентированных на повышение региональной энергетической безопасности, диверсификацию экспортных маршрутов и развитие «зелёной» энергетики.

Основной темой обсуждения стала деятельность созданного в 2008 году по инициативе Героя-Аркадага Гурбангулы Бердымухамедова Делового совета «Туркменистан–США», который является эффективным механизмом для развития двусторонних экономических отношений. Проводимые регулярно в его рамках встречи и форумы создают хорошие возможности для укрепления партнёрства между государственными структурами и бизнес-кругами двух стран, установления новых деловых контактов.

В отношении сотрудничества в топливно-энергетическом комплексе стороны обсудили вопросы, связанные с модернизацией соответствующей инфраструктуры, внедрением экологически чистых, передовых технологий, а также с активизацией партнёрства в сфере возобновляемой энергетики, отвечающей глобальной повестке дня в области изменения климата.

Инвестиции выступают в числе наиболее перспективных векторов взаимодействия. В данном контексте особое внимание уделено потенциалу торгово-экономического сотрудничества и определены механизмы для его полной реализации.

Кроме того, акцент был сделан на важности интенсификации партнёрства в таких направлениях, как высокие технологии и цифровизация, в том числе кибербезопасность, связь и цифровая инфраструктура.

В докладах были освещены также достижения негосударственного сектора и инвестиционный потенциал Туркменистана. При этом особый акцент сделан на созданных в Туркменистане благоприятных возможностях и льготах для развития бизнеса.

Одной из основных тем обсуждения стали вопросы сотрудничества в сфере перерабатывающей промышленности.

В рамках форума прошли двусторонние встречи, на которых были рассмотрены перспективы расширения взаимодействия.

# TURKMENISTAN SENT HUMANITARIAN AID TO AFGHANISTAN

Following the instruction of the National Leader of the Turkmen People, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Hero Arkadag, given at a regular meeting of the Board of the Charity Fund for Providing Assistance to Children in Need of Guardianship named after Gurbanguly Berdimuhamedov, to provide assistance to the brotherly people of Afghanistan affected by the earthquake, humanitarian aid has been sent to the neighboring country.

At a regular meeting of the Board of the Charity Fund for Providing Assistance to Children in Need of Guardianship named after Gurbanguly Berdimuhamedov, the Executive Director and Vice President for Medical Activities of the Foundation, O.Atabayeva noted that the news of the recent catastrophic earthquake in Afghanistan prompted her to ask the Hero-Arkadag to allow the Charity Fund for Providing Assistance to Children in Need of Guardianship named after Gurbanguly Berdimuhamedov to provide humanitarian aid to this country and its brotherly people, especially children.

Approving this initiative, the National Leader of the Turkmen people instructed the relevant officials to organize it.

In accordance with the decision, the ceremony for sending medicines, medical supplies, textiles, and food products to Afghanistan was organized based on the noble traditions established by the Turkmen people throughout their history and recognized as global models.

Representatives of public organizations of our country and the Chargé d'Affaires of Afghanistan took part in the humanitarian action.



# ANNIVERSARY RECEPTION IN HONOR OF THE FOUNDING OF THE C5+1 MULTILATERAL FORMAT

On November 5, 2025, a welcome reception dedicated to the anniversary meetings of the C5+1 multilateral format was held at the U.S. State Department building in Washington, D.C.

The event was attended by the heads of foreign ministries of Central Asian states and the United States, as well as senators and members of the U.S. House of Representatives, representatives of government agencies and business circles of Central Asian countries and the United States.

During the reception, it was emphasized that the current historic event, marking the anniversary of the founding of the C5+1 format, is of great importance for the further strengthening of regional cooperation, comprehensive partnership, and mutual understanding between the participating countries.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана провёл встречу с руководством компании Chimcomplex***

7 ноября 2025 года Посол Туркменистана в Румынии А.Аннаев встретился с Председателем правления румынской компании Chimcomplex, господином Штефаном Вузa.

В ходе беседы румынская сторона была проинформирована об основных направлениях развития нефтегазового и промышленного секторов Туркменистана, в частности о проводимой политике по диверсификации и модернизации отрасли, а также о шагах, предпринимаемых в целях обеспечения долгосрочной энергетической безопасности региона.

В завершение встречи стороны подтвердили готовность продолжить диалог с целью выработки конкретных направлений сотрудничества и реализации взаимовыгодных инициатив.

***Ашхабад и Исламабад обсудили перспективу совместных проектов по профтехобучению***

Посол Туркменистана в Исламабаде Атаджан Мовламов провел встречу с председателем Национальной комиссии по профессиональному и техническому обучению Пакистана (NAVTTC) Гульминой Билал Ахмад.

В ходе встречи глава пакистанской Комиссии представила обзор деятельности NAVTTC, подчеркнув ее ключевую роль в реализации инициатив, направленных на повышение уровня занятости, создание рабочих мест и поддержку образовательных учреждений.

Обсуждение было сосредоточено на потенциальных областях сотрудничества, которые имеют взаимный интерес для обеих стран. Стороны уделили особое внимание обмену передовым опытом в сфере профессионального образования, разработке совместных программ по наращиванию кадрового потенциала, развитию технического и профессионального образования в регионе.

По итогам встречи стороны договорились продолжить конструктивный диалог и обмен информацией, направленный на развитие сотрудничества в сфере профессионально-технического образования, а также изучить возможность реализации взаимовыгодных совместных проектов и программ в этой ключевой для региона области.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***